# “Bal süýji, baldan-da bala süýji”

1-nji iýun Çagalary goramagyň halkara güni hökmünde ilkinji gezek 1950-nji ýylda bellenilip, şondan bäri çagalary hormatlamaga we olaryň hukuklary ugrunda göreşmäge mümkinçilik berýär. Çagalaryň hukuklary 32 ýyl mundan ozal dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan kabul edilen halkara ylalaşykda – BMG-niň Çaganyň hukuklary hakynda Konwensiýasynda kesgitlenip, ol kimdigine hem-de nirede ýaşaýandygyna garamazdan, çagalaryň goraglylygyny üpjün etmäge gönükdirilendir. Türkmenistan bu möhüm resminamany Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda, 1994-nji ýylda tassyklady.

Maşgala, ene-ata, çagalar hakynda alada baradaky döwlet syýasaty ykdysady milli strategiýa bilen aýrylmaz baglydyr. Bu strategiýa türkmen halkynyň durmuş derejesini ýokarlandyrmaga, jemgyýetiň ruhy, intellektual, döredijilik mümkinçiliklerini açmaga gönükdirilendir.

1959-njy ýylyň 20-nji noýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasy çagalaryň hukuklary hakyndaky Deklerasiýany, 30 ýyldan soň – 1989-njy ýylda bolsa, dünýäniň 61 döwletiniň gol çeken çagalaryň hukuklary hakyndaky Konwensiýany kabul etdi. Şu günki günde dünýäniň köp ýurtlarynda şatlygyň we bagtly çagalygyň bu baýramy bellenip geçilýär. Bularyň ählisine 1924-nji ýylda kabul edilen Ženewa deklarasiýasy sebäp bolup, şonda ilkinji gezek çagalaryň hukuklarynyň sosial goragy hakyndaky mesele gozgalýar.

Çagalaryň halkara gününe bagyşlanan baýdagy hem bar.

Все права защищены

save pdf date >>> 27.11.2024



Onda ýaşyl reňkiň saýasynda Ýer togalagy şekillendirilip, onuň töwereginde çagalaryň el-ele berip duran görnüşlerini alamatlandyrýan dürli reňkdäki şekiljikler suratlandyrylypdyr. Her ýylyň 1-nji iýunynda geçirilýän baýramçylyk – bu Ýer togalagynyň ähli adamlaryna çagalaryň hukuklaryny unutmaly däldigi baradaky çagyryş bolup ýaňlanýar. Çagalary goramagyň halkara güni, çagalaryň saglygyny goramaga, terbiýesiniň hem-de biliminiň berilmegine dünýä jemgyýetçiliginiň ünsüni gönükdirmekdir.
Çagalyk – ol biziň köplerimiz üçin iň bagtly günlerimiz bolup, çagalyk we ýaşlyk ýyllarymyz ýadymyza düşende bizi mähirli duýgular gurşap alýar. Şonuň üçin goý biziň döwrümiziň çagalarynyň ýene-de birnäçe ýyldan çagalyk ýyllaryny mähir we söýgi bilen ýatlamagy üçin ähli tagallalarymyzy gaýgyrmalyň.

**Pena ANNAMUHAMMEDOW**

Все права защищены

save pdf date >>> 27.11.2024

**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 27.11.2024